# Hemişe aralyk pozisiýany eýeleýäne

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hemişe aralyk pozisiýany eýeleýäne HEMIŞE ARALYK POZISIÝANY EÝELEÝÄNE

Besdir, ýygrylyp durma,
Öňe çyk-da, sözüň aýt.
Yzda ýygrylyp durma,
Öňe çyk-da, sözüň aýt.
Ýöwsellikden ýüz öwür,
Öňe çyk-da, sözüň aýt.
Hany, ýüregiňi çöwür,
Öňe çyk-da, sözüň aýt.
Ýygna kyrk emjegiňi,
Öňe çyk-da, sözüň aýt.
Hakdyr gepletjegimiz,
Öňe çyk-da, sözüň aýt.
Utanç dälmidir eýsem,
Öňe çyk-da, sözüň aýt.
Häý, sen… diýmäýin diýsem,
Öňe çyk-da, sözüň aýt.
Gezdiň busup-busulyp,
Öňe çyk-da, sözüň aýt.
Erkek bolsaň, dikelip,
Öňe çyk-da, sözüň aýt.

Rejepgeldi MEJIKOW. Goşgular